# Darkaşnama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Darkaşnama DARKAŞNAMA



Küýsäp, ýaňy jaň etdim men gardaşa,
Men näbilem, keýpi ýokmuş gardaşyň.
Bu gezegem alyşmady sözümiz,
Başlangyjy boldy bir söz darkaşyň.
Gaýdan ýaly dik başaşak minardan,
“Ýykylanym gowy – diýdim – çynardan!”
Bir mejalsyz tapanmyşlar kenardan,
Ýaman eken duşman çalan şapbatdan.

Almytymy aldym bu gün “goçakdan”,
Ýüzüm gyzdy beter közli ojakdan,
Sözi kesgir eken jöwher pyçakdan,

Ejir çekseň “gardaş” atly hupbatdan.

Eneň ýok, ataň ýok arzyň aýdara,
Aýtjakmy kümsük goňşyň Haýdara,
Gaýtam senem diýýäň: “Munyň maýda-la”,
Habaryň ýok, meger, beýle apatdan.

Bir gezek däl, eýýäm müňünji gezek,
Üstüňe ýagdyrýar “gardaş” daş, kesek,
Diýdim: “Oýlan, gardaş, ýoluň däl uzak,
Habar al sen ýaňy göçen tabytdan!”

08.03.2024. Goşgular